# Derýalar.

# 1. Derýa näme?

Jogaby:

Ýeriň belli bir meýdanyndan hemişe akýan tebigy suw akymyna aýdylýar.

# 2. Derýanyň gözbaşy diýmek näme?

Jogaby:

Derýalaryň başlanýan ýerine aýdylýar.

# 3. Derýalaryň gözbaşyny nirden alýarlar?

Jogaby:

Köllerden, batgalyklardan, daglardan, çeşmelerden, buzluklardan.

# 4. Derýalar nirelere guýýarlar?

Jogaby:

Deňizlere, köllere.

# 5. Derýa ulgamy näme?

Jogaby:

Derýalaryň özleriniň goşantlary bilen derýa ulgamlaryny emele getirýär.

# 6. Derýa basseýni näme?

Jogaby:

Bu derýanyň suw ýygnanýan çägine aýdylýar.

# 7. Suwaýryt näme?

Jogaby:

Derýa basseýinleriniň arasyndaky araçäkdir.